# Şahyra-hanymlar hakda şahyrana oýlanmajyk

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şahyra-hanymlar hakda şahyrana oýlanmajyk ŞAHYRA-HANYMLAR BARADA ŞAHYRANA OÝLANMAJYK




Men bir ötegçi bolsam, Şygryýet bagynyň deňesinden ötüp barýan.
Onuň gül-gülzarly serçemenliginde gülleriň bark urup, müşki-anbar ysyny bi gadym, goja türkmeniň reýhana çölüne, tozan basyp ýatan düzüne ýaýradyşyna melul boluplar, birdem oturyp dynjymy alsam.
Soňam ajap Şygyr Çarbagyndan eşidilýän şeýdalaryň şirin owazyna, durnagöz çeşmeleriň kalbyňy päkize asudalykdan dolduryan ahramy şildirdisine maýyl bolup, argyn köňlüme bir

meýdan parahatlyk çaýsam.
Soňam şol serçemenlikdäki gülleriň ajaýyplaryndan, iň beýhuş ediji bark urýanlaryndan: «täsin bir çemeni bogsana» diýseler. Menem ol gülleriň ömrüne, bimar ediji hoşboýlygyna guwanyp, olary ýolmaga haýygyp, kalbymda, hyýalymda olardan nepis bir sungat eseri dek dessäni düzsem. Şol hyýalymdaky şol üýtgeşik Şygryýet çemenine-de şu gülleri salsam:
Laçyn Pürjäýewa;
Suraý Babanyýazowa;
Aýgül Baýadowa (Garaýewa);
Ogulnur Ataýewa;
Orazgül Kemendirowa;
Meňli Aşyrowa;
Bägül Ataýewa;
Gülşirin Hanowa;
Bagtygül Tekäýewa;
Aýsapar Emelowa;
Aýjemal Gurbanowa;
Mahym Nurgeldiýewa;
Şähribossan Geldimämmedowa;
Gyzylgül Annagylyjowa;
Gülnar Geldimyradowa;
Ogulnur Pirjikowa;
Oguljennet Bäşimowa;
Ogultäç Oraztaganowa;
Oguljemal Çaryýewa;
Aknur Rozyýewa;
Bilbil Kakabaýewa;
Annasoltan Kekilowa;
Zöhre Öwezowa;
Amangözel Gurbanowa;
Sona Ýazowa;
Selbinýaz Durdyýewa;
Oguljan Bäşimowa;
Bibi Orazdurdyýewa;
Dürnabat Aşyrowa;
Gülnabat Begenjowa;

Enejan Hangulyýewa;
Aýşat Hojamuhammedowa;
Gülnabat Hurşidowa;
Nartäç Ýusupdyrdyýewa we beýlekiler.

Bu şahyra-hanymlarynyň her haýsynyňam öz sesi, öz ynanjy, öz dünýägaraýşy, biri-biriniň döredijiligi bilen düýpli sesleşýän şygyr düzüş usuly bar:
Nusgawy galyplar;
Modernizm;
Lirizm;
Minimalizm;
Günbatar bilen Gündogar stilleriniň sintezi, simbiozy;
Täze, diňe özüňe mahsus ýoluňy, usulyň gözlemek;
Batyrgaý eksperimentler…
Umuman, näçe sanasaň sanap oturmaly.

Onsoň, men ötegçi awara, şol serçemenligiň deňesinde oturybam, tüýs ýürekden dileg etsem. Dünýäň dessury – amanadyny tabşyran şahyra-hanymlaryň-a baky ýaşajak ruh-gülleriniň alnyna degsin edip, olara iman baýlygyny dilesem.
Döwürdeşlerimiziňem maňlaýyna diňe sap-tämiz gowusyny ýazyp, olaryň galamynyň mundan beýlägem ezberleşmegini arzuw etsem…

Ämin. Oýlanmalar